# Saýlaw howpy

Category: Kitapcy,Publisisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Saýlaw howpy SAÝLAW HOWPY




*Dünýä prezident saýlawlarynda häzirkisi ýaly gorkuly kartinany hiç haçanam görmändi*
Her dört ýyldan bir gezek dünýä Ak Tam üçin geçirilýän ýaryşyň netijesine tomaşa etmäge sabyrsyzlyk bilen garaşýar.
Bu ýaryşyň soňky tapgyrlary hemmämizi Iowadan kimiň kimden ozandygyny, Newadada kimiň ýeňlendigini, Detroýtda amerikaly araplaryň kime ses berjegini bilmäge ymtyldyrýar.
ABŞ-nyň prezidenti ha Donald Tramp bolsun, ha Jo Baýden, şol öňki Amerikadyr.
Şonuň üçin kim saýlananda-da täze prezidentiň saýlanmagy bütin halk üçin ullakan many aňladýar.
Baýden täzeden prezident bolsa, Gaza uruşynyň başlanan wagty Tel-Awiwde bir gününi geçiren adam prezident bolar.
Tramp täzeden prezident bolsa-da, ABŞ-nyň ilçihanasyny Ierusalime geçiren we Eýran bilen ýadro ylalaşygyny soňlandyran adam prezident bolar.
Trampyň Ak Tama gelenden soň eden birinji işi Owganystany amerikan ýarag taryhynyň iň uly bombasy bilen bombalamagydy.

Baýdeniñ eden birinji zady bolsa, Owganystandan çekilmekdi.




Tramp hukuk aýyplamalary bilen iñ köp soraga çekilen adam. Eger ol üstün çykaýanda-da, prezident kürsüsine oturandan soñam öz islegi bilen işden gitmäge mejbur edilip biliner.
Baýdan bolsa ötüşen garrylykdan we garrylygyñ dert-azarlaryndan ejir çekýän adam. Haýsydyr bir sebäp bilen aradan aýrylaýanda-da, ýerine orunbasary Kamala Harris geçer. Amerikan syýasatynda hiç kim we hiç zat däl.
Amerikan saýlawlary bu gezek örän howply we dartgynly glonal ýagdaý bilen deñ wagta gabat geldi. Ukraina uruşy Ýewropa tarap, Gaza uruşy Ýakyn Gündogara tarap gerimini giñeldip biler.
ABŞ öz içinde bölünişikleriñ iñ çuñ ýagdaýyny başdan geçirip ýörkä, üçünji jshan urşy resmi taýdan yglan edilip bilner.
Global sistema şindizem örän köp gowşaklyklaryñ üstünde durýar. Bu gowşaklyklaryñ birem döwletleriñ ýaşaýşynyñ Amerikanyñ bähbitleri bilen baglanyşykly bolmagydyr.

Hytaý, Russiýa ýa-da haýsydyr bir uly ýurt ýa-da ýurtlaryñ bileleşigi üçin ýagdaý beýle däl.
Uçuryma togarlanyp baryşymyzy sägindirjrk ýeke-täk alaç dünýäniñ iñ soñky pellesinden yzyna gaýtarjak halkara konferensiýanyñ geçirilmegindedir.
Trampyñ dowamly galagoplulygy, Baýdeniñ mesaña halpañ-salpañlygy beýle duşuşygyñ öñünde ullakan päsgelçilik döredýär.
Edil häzir üçünji bir adamyñ ýa-da aýalyñ gürrüñini etmek üçin giç.




Hillari Klinton indi ýok. Göýä Baýdeniñ kampaniýa

guramaçylarynyň maslahatyby alan ýaly şu günlerde kän göze ilmeýän hanym Harrisiňem alternatiw däldigi belli.
Wagt alkymlap geldigiçe göreş gyzyşýar, belki-de akmaklygam öňküsinden has beter artyp barýar.
«Bir ýerlere ýetmegiň» esasy maksat we serişre bolan dünýäsinde saýlawlaryň demokratiýanyň iň erbet ýoludygyny görýäris. Ýogsam bolmasa, munuň doly tersine bolmagy gerek.
«Häkimiýetde galma» babatda Binýamin Netanýahu ysraýyl taryhynyň islendik syýasy liderinden has wagşy. Ol Gazada terror howasyny öwüsdirýär we şeýtmek bilen Ysraýyl dünýä boýunça alanda ömrüni dowam etdirip bilme problemasyny aslynda «Hamas» däl-de, özi getirýär.
Dünýä prezident saýlawlarynda häzirkisi ýaly gorkuly kartinany hiç haçanam görmändi.

Semir ATAULLAH,

Liwanly žurnalist.

Şenbe, 27.01.2024 ý. Publisistika